Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№25 (174) 2026-njy ýylyň 31-nji oktýabry



Hepdäniň möhüm wakalary

21-nji oktýabrda Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň harby bölüminiň täze binalar we desgalar toplumynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

***

21 — 23-nji oktýabrda paýtagtymyzda «Türkmenistanyň nebiti we gazy — 2026» atly halkara maslahat we sergi geçirildi.

***

23-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

***

23-nji oktýabrda Türkmenistanyň Döwlet, hukuk we demokratiýa institutynyň döredilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli Adalat köşgüniň mejlisler zalynda «Bitarap Türkmenistanda döwletliligiň, hukuk ulgamynyň we demokratiýanyň ösüş gadamlary» atly halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi.

***

24-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişe BMG-niň güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

24-nji oktýabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň sazlaşygyndan binýat bolan Arkadag şäherine geldi. Gahryman Arkadagymyz bu ýerde täze şäheriň çäklerinde gurluşygy dowam edýän desgalaryň şekil taslamalary, binalaryň bezeg işlerinde ulanylýan serişdeleriň görnüşleri bilen tanyşdy.

***

24-nji oktýabrda Türkmen alabaýynyň baýramyna bagyşlanyp Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň VI mejlisi geçirildi.

***

25-nji oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe we ýurduň doganlyk halkyna milli baýram — Respublika güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

***

26-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Awstriýa Respublikasynyň Federal Prezidenti Aleksandr Wan der Bellene hem-de ýurduň ähli halkyna Awstriýa Respublikasynyň Milli güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

26-njy oktýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we welaýatlarda alnyp barylýan işler bilen bagly meselelere garaldy.

«Ýaş diplomatyň sesi».



HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ KITABYNYŇ AZERBAÝJAN DILINDÄKI NEŞIRINIŇ TANYŞDYRYLYŞ DABARASY

2026-njy ýylyň 21-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynyň azerbaýjan dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Oňa Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary Mähri Bäşimowa, şeýle hem daşary döwletleriň we halkara guramalaryň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň, ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň işgärleri, halypa diplomatlar, ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyp ýaşlar gatnaşdylar.



MEETING WITH THE AMBASSADOR EXTRAORDINARY AND PLENIPOTENTIARY OF THE REPUBLIC OF FINLAND TO TURKMENISTAN

On October 22, 2026, a meeting was held between Gulshat Yusupova, Rector of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, and Ms. Maria Agren, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Republic of Finland to Turkmenistan.

As is known, strengthening international cooperation in the field of education and exchanging mutual experience in this regard is currently prioritized as one of the main directions of our country's foreign policy. In this context, during the meeting, the parties exchanged views on developing the scientific and educational systems between the two countries, strengthening cultural and humanitarian relations, as well as crucial areas of bilateral cooperation.



Following the meeting, the honorable guest visited the institute's training studio and the editorial office of "The Voice of Young Diplomat" newspaper. The meeting and tour left a pleasant impression on the distinguished guest.

It is worth noting that a meeting had also been held between Ms. Maria Agren and the rector of the institute on June 10 of this year.

ПРЕЗЕНТАЦИЯ КНИГИ ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА НА ЯПОНСКОМ ЯЗЫКЕ

26 октября 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась презентация издания книги уважаемого Президента Сердара Бердымухамедова «Нейтралитет Туркменистана — светлый путь мира и доверия» на японском языке. В ней приняли участие заместитель министра образования Туркменистана Азат Атаев, а также сотрудники дипломатических представительств и международных организаций, работники внешнеполитического ведомства страны, дипломаты-ветераны, профессорско-преподавательский состав вузов и студенческая молодежь.



Как известно, книга уважаемого Президента «Нейтралитет Туркменистана — светлый путь мира и доверия» была издана по случаю 30-летия постоянного нейтралитета Туркменистана, широко отмечавшегося в 2025 году. В книге широко освещается значение постоянного нейтралитета Туркменистана, трижды признанного Генеральной Ассамблеей ООН, а также исторические инициативы, направленные на обеспечение мира и доверия во всем мире, подводятся итоги высоких рубежей и успехов, достигнутых в нашей стране.

«Ýaş diplomatyň sesi».

Türkmenistan — Türki Döwletleriň Guramasy: doganlyk halklaryň ygtybarly hyzmatdaşlygy

Daglara beýikligi, deňizlere çuňlugy bilen baha berilse, döwletleriň dostlugy, alnyp barylýan hyzmatdaşlyk syýasy-diplomatik, medeni-ynsanperwer, söwda-ykdysady ugurlardaky gatnaşyklara seredilip kesgitlenýär. Şu ugurlardaky gatnaşyklaryň ýokary derejesi ýurtlaryň birek-birege bolan ynamyny, hormatyny, hoşniýetliligini aýdyň edýär. «Paýhas çeşmesi» atly ajaýyp kitapda «Dostuň geldi – baýram boldy» diýen gymmatly söz bar. Bu nakylyň manysyna hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň şu ýylyň 29-30-njy oktýabrynda Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XIII sammitine gatnaşmak üçin Türkiýe Respublikasyna amala aşyran iş saparynda-da göz ýetirmek bolýar. Döwlet Baştutanymyzyň Ankara şäherinde geçirilen birnäçe çärelere gatnaşmagy, doganlyk ýurduň Prezidenti bilen duşuşmagy parahatçylyk söýüjilige, dost-doganlyga, hoşniýetli goňşuçylyga esaslanýan daşary syýasatymyzyň üstünlikli amala aşyrylýandygyny alamatlandyrdy.

Türki Döwletleriň Guramasyna gatnaşýan döwletleriň Baştutanlary Türki döwletleriň medeni seýilgähiniň açylyş dabarasynyň geçirilýän ýerine barmaklary, ol ýerde bilelikde nahal ekmekleri, aýdymsazly çykyşlara tomaşa etmekleri, türki dilli döwletleriň milli ak öýlerini synlamaklary agza döwletleriň dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge üns beríändigini görkezýär.

Baý halk döredijiligi, şadessanlar we rowaýatlar, çuňňur filosofik şygyr eserleri türki dünýäniň ruhy mirasynyň aýrylmaz bölegi bolup duríar. Watansöýüjiligi, edermenligi hem-de parahatçylyga ygrarlylygy wasp edýän ynsanperwer taglymlar nusgawy şahyrlaryň, şol sanda dünýäniň akyldary Magtymguly Pyragynyň döredijiliginden eriş-argaç bolup geçýär. Bu baky gymmatlyklar häzirki wagtda ýaşlary ahlak taýdan terbiýelemek üçin egsilmez çeşme bolup hyzmat edýär.

Döwlet Baştutanymyz iş saparynyň dowamynda Türki Döwletleriň Guramasynyň döwlet Baştutanlarynyň XIII sammitine gatnaşyp, çuňňur manyly çykyşyny myhmanlara ýetirdi.

Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan türki dünýäniň ýurtlary bilen dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berýär. Şol sebäpli, biz Türki Döwletleriň Guramasyny doganlyk döwletleriň arasynda özara ynamy berkitmegiň, netijeli gatnaşyklary ösdürmegiň we amaly hyzmatdaşlygy giňeltmegiň möhüm guramasy hökmünde görýäris. Onuň işiniň netijeli bolmagy, ilkinji nobatda, halklarymyzyň bähbidine gönükdirilen anyk başlangyçlaryň we özara bähbitli taslamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Ýurtlarymyzyň arasynda energetika, ulag-aragatnaşyk, senagat, oba hojalygy, gurluşyk, dokma, çig maly gaýtadan işlemek, telekeçilik we ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek zerur bolup duríar.

Ykdysady ösüşi üpjün etmekde ulag-aragatnaşyk ulgamy strategik ähmiýete eýedir. Ýurtlarymyzyň amatly geografik ýerleşişi Merkezi Aziýany, Hazar sebitini, Günorta Kawkazy, Gara deňiz sebitini, Türkiýäni we Ýewropany birleşdirýän ulag geçelgelerini ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar. Bu mümkinçilikleri netijeli ulanmak maksady bilen, Hazarüsti halkara ulag geçelgesiniň kuwwatyny artdyrmagy möhüm hasaplaýarys diýip, hormatly Prezidentimiz çykyşynda belledi.

Şeýle-de daşky gurşawy goramak we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, suw serişdelerini tygşytly ulanmak, çölleşmä garşy göreşmek, ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak, ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag merkezleriniň, döredijilik toparlarynyň we ýaşlar guramalarynyň arasynda gatnaşyklary ösdürmek, bilelikdäki bilim maksatnamalaryny hem-de akademiki alyşmalary ýola goýmak, syýahatçylyk gatnaşyklaryny ösdürmek ýaly işleriň hem zerurdygy nygtaldy.

Döwlet Baştutanymyza Ankaradaky Hajettepe uniwersitetinde halkara gatnaşyklar ugry boýunça hormatly doktor derejesiniň berilmegi bolsa sapary aýratyn many-mazmun bilen baýlaşdyrdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyza özüniň Prezidentlik döwründe Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatyny BMG derejesinde parahatçylygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň işjeň guralyna öwrendigi, Hereketleriň Awaza Maksatnamasy ýaly ählumumy özara baglanyşyk boýunça giň möçberli başlangyçlara, şeýle hem sebit hyzmatdaşlygyna we ösüş konsepsiýasyna üstünlikli ýolbaşçylyk edendigi, Türkiýe Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasynda ykdysady we durmuş ulgamlarynda, şeýle hem ýokary bilim ulgamynda, şol sanda emeli aňdan başlap, «akylly» oba hojalygyna we bilelikdäki diplom maksatnamalaryna çenli giň ugurlardaky hyzmatdaşlykda görkezen berk syýasy erki hem-de goldawy üçin uniwersitetiň Senatynyň karary bilen, hormatly doktor derejesi berildi.

Soňra bolsa döwlet Baştutanymyza Türkiýäniň Daşary ykdysady gatnaşyklar geňeşi tarapyndan «Strategik dostluk nyşanynyň» gowşurylyş dabarasy geçirildi. Doganlyk ýurtda hormatly Prezidentimize şeýle derejeleriň gowşurylmagy türk tarapynyň halkymyza goýýan sarpasyndan habar berýär. Hormatly Prezidentimiz sylag üçin minnetdarlyk bildirip, bu abraýly sylagy bildirilen belent hormatyň nyşany hökmünde kabul edýändigini belledi.

Hormatly Prezidentimiziň Türkiýe Respublikasyna amala aşyran iş sapary üstünliklere beslenip, Türki Döwletleriň Guramasyna agza ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge, hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny açmaga ýardam berdi. Türkmenistanyň halkara guramalaryň guraýan çärelerine işjeň gatnaşmagy, öz başlangyçlary bilen çykyş etmegi ýurdumyzyň halkara abraýyny ýokarlandyrýar.

Baýnazar BAÝHANOW,
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
3-nji ýyl talyby.

ENERGY COOPERATION: A STRATEGIC PATH TO DEVELOPMENT

Energy is one of the key forces shaping modern economic development, strengthening relations between countries and opening up opportunities for the future. The efficient use of natural resources, the modernisation of production, the introduction of advanced technologies and the expansion of international cooperation are among the main priorities of this sector. In this context, the opening in Ashgabat of the 31st International Conference and Exhibition "Turkmenistan's Oil and Gas — 2026" is an event of considerable importance.

Running until October 23, the forum once again places Turkmenistan at the centre of attention of the international energy community. It brings together representatives of government agencies, national and international oil and gas companies, EPC contractors, technology providers, financial institutions and investors. Such broad participation creates a valuable platform for exchanging experience, discussing new ideas and identifying areas of mutually beneficial cooperation.

The conference opened with a plenary session entitled "Turkmenistan's Energy Strategy: Regional Connectivity and International Cooperation". This theme reflects the growing role of energy in today's interconnected world. Energy is not merely a field of production and trade; it is also a strategic system that supports regional links, economic stability and long-term development. Ensuring reliable energy supplies, strengthening relations with partner countries and exploring new investment opportunities are therefore important topics for international dialogue.

The participation of representatives from different countries and major companies underlined the international character of the event. Among those attending were Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers Guvanch Agajanov; Malaysia's Minister of Economy, Akmal Nasrulla bin Mohd Nasir; UN Resident Coordinator in Turkmenistan Xiaoshuang Grace Wang; President of SOCAR Rovshan Najaf; PETRONAS Executive Vice President Mohd Jukris Abdul Wahab; XRG (ADNOC) Senior Vice President Abdulla Al Shamsi; and Dragon Oil head Abdulkarim Al-Maazmi. Jon Deffterios of APCO Worldwide served as moderator of the conference.

The presence of these representatives highlights the diverse nature of cooperation in the energy sector. Bringing together government bodies, international organisations and leading global companies allows participants to compare experience and consider the industry's current challenges and future prospects from different perspectives. Such meetings can help identify new areas of cooperation, develop business ties and discuss investment opportunities that may support long-term projects.

Holding an exhibition alongside the conference adds another important dimension to the event. The exhibition provides an opportunity to explore modern technologies, industrial solutions and new approaches used across the energy sector. Innovation, reliable equipment and professional expertise are essential to the industry's continued development. Events of this kind allow companies to present their capabilities, meet potential partners and exchange views on future projects.

The international conference and exhibition "Turkmenistan's Oil and Gas — 2026" is an important platform for presenting the country's energy potential to the global community, expanding international cooperation and discussing the sector's future development. The meetings and discussions taking place in Ashgabat are expected to encourage new initiatives, mutually beneficial relations and long-term partnerships. Ultimately, the future of energy depends not only on the availability of natural resources, but also on their responsible management, the use of modern technologies and reliable cooperation among countries.

Gulkamar SAPAROVA,
the 4th year student of the Faculty of International Journalism

On October 22, 2026, a meeting was held in Batumi between Rashid Meredov, Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, MFA of Turkmenistan, and Maka Bochorishvili, Vice Prime Minister, MFA of Georgia.

MEDIA GIŇIŞLIGINDE HALKARA HYZMATDAŞLYGY WE HALYPA-ŞÄGIRTLIK MEKDEBI




























Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz: «Ýer ýüzünde türkmen halkyna, onuň nähili milletdigine biziň gazet-žurnallarymyzy okap, telewideniýämize seredip, radiomyzy diňläp baha berýärler. Hut şonuň üçin hem biz ähli habar beriş ulgamynyň hünärmenlerinden öz işlerine örän çynlakaý çemeleşmeklerini talap edýäris» diýip, jaýdar belleýär. Häzirki wagtda döwletimiziň oňyn içeri we daşary syýasatyny ýokary derejede şöhlelendirip biljek kämil žurnalistleriň taýýarlanmagyna aýratyn uly üns berilýär. Hut şu maksat bilen türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde hem dürli döredijilik duşuşyklary yzygiderli geçirilýär. Şeýle duşuşyklaryň biri 2026-njy ýylyň 30-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň guramagynda «Media giňişliginde halkara hyzmatdaşlygy we halypa-şägirtlik mekdebi» ady bilen geçirildi.

Döredijilik duşuşygynyň açylyşynda dabara gatnaşyjylar institutyň okuw binasynyň foýesinde guralan Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň milli tagamlarynyň, egin-eşikleriniň we talyplaryň hünäri bilen bagly sergini synladylar. Mälim bolşy ýaly, şeýle sergiler medeni diplomatiýany ösdürmegiň esasy guraly bolup, halklary biri-birine ýakynlaşdyrmakda, dost-doganlyk gatnaşyklaryny berkitmekde uly ähmiýete eýedir. Şu nukdaýnazardan, bu sergi geljekki halkaraçy hünärmenleriň ýurdumyzyň medeni diplomatiýasyna goşan özboluşly goşandy boldy.

Işjeň ýagdaýda geçen döredijilik duşuşygynyň dowamynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory, pedagogika ylymlarynyň kandidaty Gülşat Ýusupowanyň, Strategik barlaglar boýunça ylmy merkeziniň uly ylmy işgäri, halypa žurnalist Bekdurdy Amansaryýewiň, «Medeniýet we syýahat» žurnalynyň bölüm redaktory, şahyr Gurbanjemal Annakowanyň çykyşlary diňlenildi. Çykyşlarda sanly ulgamyň ýokary depginde ösýän döwründe žurnalistiň ele almaly hünär endikleri, köpçülikleýin habar serişdeleriniň ýurdumyzyň ösüşlerini beýan etmekde eýeleýän orny, bu ugurdaky hünärmenlere bildirilýän talaplar we öňde duryan möhüm wezipeler dogrusynda giňişleýin bellenip geçildi.

Şeýle-de dabaranyň dowamynda köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde işjeň çykyş edýän Halkara žurnalistikasy fakultetiniň göreldeli talyplaryna Hormat hatlary we ýadygärlik sowgatlar gowşuryldy.

Döredijilik duşuşygynyň ahyrynda meşhur aýdymçy zenan Söýli Rejepowanyň ýerine ýetiren şirin owazly aýdymlary dabara ýakymly öwüşgin çaýdy.

«Ýaş diplomatyň sesi».

Güýz eken

Daşyň gallasa-da doganu-gardaş,
Ýüregiň isleýär bir ýakyn syrdaş.

Küýseýäň howasyn nätanyş dünýäň
Halyňa özüňden oňat düşünýän.

Şonda hasrat gaýdyp bakmajak ýaly,
Duýgulaň bir görkün saklajak ýaly.

Howry öçjek ýaly içiňde ýalnyň,
Daglanmajak ýaly jigeriň, kalbyň.

Zary bolup bir gahryman syrdaşyň,
Ýaşaýarkam boşluk bilen dyrjaşyp,

Güýz geldi özgerdip reňňin topragyň,
Üstümden seçeläp sary ýapragyň.

Indi penjireden ýşyklap durman,
Baglaň saýasynda hyýallar gurýan.

Diýýär goňras bulut: «Güýz geldi, galkyn!»,
Syýamam gara däl, hakyky altyn.

Başgabyny göteriýär ýel kän kesiň,
Joşdurýar ýapraklaň bagdan tänmesi.

Syrly halym güýziň açyşy ýaly,
Uçýaryn durnalaň uçuşy ýaly.

Ýaprakdan täç dakýar dyzyny epip,
Aýyrýar gussamy gözlemden öpüp.

Şatlanýar, tans edýär meň bilen des-deň,
Güýz eken, güýz eken kalbyma hemdem.



Bir hakykat

Güýz. Ýene-de alyslarda hyýalym,
Näzik duýgulary gozgaýar günler.
Bir ýerlerden sesi gelýär roýalyň,
Ylham şerabyndan serhoş köňüller.

Agşamyň çigregi güýjäpdir biraz,
Barha galpyldysy artýar bedeniň.
Gövnüme hoş ýakýar çekilip gyra
Ýatlamak şu ömre näme edenim.

Öňküden has golaý görünýär asman,
Üfleseň, ýyldyzlar gaçaýjak ýaly.
Ýüregmi näbelli howsala basýar,
Haýsydyr bir syry açaýjak ýaly.

Mähre aşa ma:ýyllyk bar bu çagda,
Küýseýän iň ýakyn dost-ýarlarymy.
Ýatladýar sudura övrülen baglar
Halymdan habarsyz hossarlarymy.

Ýürekmi söýmejek, düşmejek oda?!
Onuň öz kadasy, öz kanuny bar.
Bir hakykat, munda ýeke-täk adam
Ýalňyz dogulmaýar, ýalňyz goýulýar.

Bu zatlar nireden gelýär serime,
Dolanaýyn, garaşýandyr çagalam.
Goý, şygrym sözlesin meniň ýerime,
Güýzüň ahwalyna bagly galanam.

Gurbanjemal ANNAKOWA,
«Medeniýet we syýahat»
žurnalynyň bölüm redaktory, şahyr.

23 октября 2026 года в здании ООН в Ашхабаде состоялось торжественное мероприятие, посвящённое Дню Организации Объединённых Наций, ежегодно отмечаемому 24 октября в ознаменование вступления в силу Устава ООН.

Sahypalarda gizlenen — dünýäniň syry



2026-njy ýylyň 30-31-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Sahypalarda gizlenen — dünýäniň syry» atly kitap sergisi geçirildi. Oňa türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň we ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyp ýaşlary hem-de magistrleri gatnaşdylar. Serginiň dowamynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jöwher paýhasyndan syzylyp çykan eserleri hem-de dünýäniň dürli dillerinde neşir edilen kitaplar görkezildi.

Alymlaryň belleýşi ýaly, kitap diňe bilimiňi artdyrmaga ýardam bermän, eýsem, biziň saglygymyza-da oňyn täsir edýär. Meselem, kitap okamak biziň çalt garramagymyzyň öňüni alýar. Kitap okamak adamyň beýnisini işjeň ýagdaýa getirýär. Beýniniň işlemegi bolsa, garrylygy birneme haýalladýar. Kitaphon adamyň dünýagaraýşy giň, söz gory baý, zehini ýiti, pikirleniş ukyplary ýokary bolýar. Milli Liderimiziň «Kitap dünýäni açýar. Aslynda, dünýä kitaba öwrülmek üçin ýaşaýar. Kitaplar asyrlaryň taryhyny, durmuşyny ruhuny özüne siňdirýändigi bilen şöhratlanýar. Çünki kitap döwrüň waspçysy, paýhas ummany» diýen sözlerinden ugur alnyp guralan bu çäre hem özboluşlylygy bilen tapawutlanyp, talyplaryň kitaba bolan höwesini artdyrmaga ýardam etdi. Şeýle hem ýaşlar dürli ugurlara degişli bolan kitaplar barada gyzykly maglumatlar bilen tanyşmaga mümkinçilik aldylar.

Serginiň ahyrynda oňa gatnaşyjylar Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýaş nesilleriň döwrebap bilim alyp, kämil şahsyýetler bolup ýetişmekleri ugrunda döredip berýän mümkinçilikleri üçin tüýs ýürekden sagbolsun aýtdylar.

«Ýaş diplomatyň sesi».

Uçar ganatym bedew



«Ahalteke bedewleri — dünýäniň gymmatlygy» atly bäsleşige

Türkmen halkynyň Milli Lideri,
Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy
Gahryman Arkadagymyz:
— Türkmen topragynda doglan ahalteke bedewi tebigatyň we adamyň ösen zähmetiniň we akyl-paýhasynyň peşgeş beren ajaýyp sazlaşygynyň, owadanlygyň, gözelligiň we gaýtalanmajak okgunlylygyň simwoly bolup duŕar.

Asyrlaryň dowamynda türkmen gerçegiň uçar ganaty, toý gününde buýsanjy, ýow gününde daýanjy bolup gelýän ahalteke bedewleri bu günki gün türkmeniň adyny dünýä derejesinde ýene bir gez beýgeldýär. Taryha ser salanymyzda, miladydan öňki V asyrda ýaşap geçen gadymy grek taryhçysy Gerodotyň maglumatlarynda ahalteke atlarynyň ata-babalary «Nusaý atlary», «Uçmah atlary» diýlip atlandyrylypdyr. Mundan başga-da, Aleksandr Makedonskiniň tabşyrygy bilen ýazylan «Isgenderiň bedewnamasy» atly eserde, Parfiýa çeşmelerinde, Oguz-Orhon ýazgylarynda, alym hem şahyr Omar Haýýamyň «Nowruznama» eserinde, XVI asyrda ýaşan Abulgazynyň «Oguznama» poemasynda, «Görogly» şadessanynyň bütin dowamynda türkmen atlary, olaryň taryhy, türkmen ýigitleri tarapyndan nähili söýgä mynasyp bolandygy aýdyň duýulýar. Owazasy dünýä dolan gahrymanlar bolan Jelaleddiniň, Göroglynyň ýanynda syrdaş, gardaş hasaplan bedewleri bolupdyr. Ýelden ýyndam, duýgur, eýesine wepaly bedewleriň kömegi bilen ýurt ykbalyna täsir eden ýeňişler gazanylypdyr.

Şeýle taryhy maglumatlar bolsa ata-babalarymyzyň juda ir döwürlerden bäri atlary eldekileşdirip, olara ideg edip, arassa tohumyny ýetişdirip gelýändiginiň güwäsidir.

Bedew — türkmeniň ruhy. Halkymyzyň bedewe bolan söýgüsi, gadymy seýisçilik ýörelgeleri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda täzeçe röwüşde dowam etdirilýär. Häzirki wagtda ahalteke bedewleriniň tohum arassalygyny gorap saklamak, atşynaslyk ýörelgelerini wagyz etmek, baýlaşdyrmak boýunça işler täze derejelere çykarylýar. Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň döredilmegi munuň aýdyň güwäsidir. Şu jähetden, hormatly Arkadagymyz: «Ahalteke aty türkmen halkynyň beýik syrydyr» diýip bellemek bilen, bu beýik, gaýtalanmajak derejede kämil sungatyň syrlaryny öwrenmek, dünýä ýaýmak, gorap saklamak ugrunda giň möçberli çäreleri durmuşa geçirýär.


Ahalteke bedewleri diňe bir gözelligiň nusgasy bolman, eýsem, olar ýyndamlykda hem özlerini dünýä tanadýarlar. Bu babatda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň beýik ýeňişlerini, ajaýyp üstünliklerini bellemek ýerliklidir. Bu meşhur topar Milli Liderimiziň başlangyjy bilen 2007-nji ýylda döredilip, täze taryhy döwrümizde onuň şöhraty ýedi yklymy baglaýar. Toparyň agzalary bedew bilen bir bitewi sazlaşygy emele getirip, çylşyrymly hereketleri ýerine ýetirýärler, täsin oýunlary görkezýärler. Olaryň içinde zenan çapyksuwarlaryň hem bolmagy atçylyk sungatynyň türkmen jemgyýetinde uly sarpa eýedigini aýdyň görkezýär. Bu toparyň dürli ýurtlarda geçirilen dünýäniň meşhur sirk festiwallaryna gatnaşyp, halkara baýraklaryň ençemesine mynasyp bolmagy halkymyzyň milliligimize bolan buýsanjyny belende göterýär. Husan-da, «Galkynyş» topary sirk sungaty boýunça ilkinji Baş baýragyny 2013-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde geçirilen «IDOL» bütindünýä sirk sungaty festiwalynda gazanmagy başardy. Şeýle hem 2014-nji ýylda Italiýanyň Latina şäherinde geçirilen XVI Halkara sirk festiwalynda, 2015-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda guralan II Halkara sirk sungaty festiwalynda Baş baýraklary eýeledi.

Bulardan başga-da, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary 2016-njy ýylda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpon-Ata şäherinde geçirilen Çarwadarlaryň II bütindünýä oýunlarynda Baş baýraga mynasyp boldy. Bu toparyň 2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäherinde ilkinji gezek geçirilen Fontankadaky I Halkara sirk sungaty festiwalynda «Altyn Gaetano» altyn heýkeljigine mynasyp bolmagy Türkmenistanyň halkara abraýyny belende göteren şatlykly waka boldy. Geçen ýyl bolsa, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 47-nji halkara sirk sungaty festiwalynda Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolmagy belent ösüşlerimizi has-da dabaralandyrdy. Ynha, şu ýylyň ilkinji aýynda bolsa bu meşhur topara Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde geçirilen 48-nji halkara sirk sungaty festiwalynda sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy hem-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň özboluşly badalgasyna öwrüldi.

Behişdi bedewlerimiz — Garaşsyz türkmen döwletiniň ösüşleriniň nyşany. «Atym bar — ganatym bar» diýen paýhasly jümlä eýerip ýaşaýan halkymyz bu günki gün bedewleriň sarpasyny belentde tutup, her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň milli baýramyny uly dabara bilen belleýär. Bu baýramçylyk mynasybetli bedewleriň şanyna döwlet derejesinde uly toýlar tutulýar. At çapyşyklar guralýar. Munuň özi Garaşsyz türkmen döwletiniň ösüşleriniň nyşany bolan ahalteke bedewiniň gadyr-gymmatynyň ýokarydygyny nobatdaky gezek görkezýär. Goý, ýurdumyzda bolup geçýän ösüş-özgertmeleriň tizligini bedew badyna deňeýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň beýik tagallalary bilen ata Watanymyzyň ösüşleri mundan beýläk-de bedew bady bilen barha ilerlesin!

Aýsona AMANJAÝEWA,
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

On October 26, 2026, a meeting was held at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan to discuss the draft National Action Plan for 2026–2028 on the preparation and holding of the Year of International Law in 2028.



Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

Baş redaktoryň orunbasarlary: *A.Ýazweliýew, Y.Hallyýew.*
Jogapkär kätip: *O.Çaryýarowa.*
Jogapkär kätibiň orunbasary: *A.Begenjow.*
Bölüm müdiri: *B.Baýhanow.*
Edebi işgärler: *Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.*
Korrektorlar: *O.Geldiýewa, S.Çaryýew.*
Fotohabarçy: *T.Gurbandurdyýew.*

Redaksion geňeşiň agzalary:
P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, M.Atanyýazow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, M.Gurbannazarowa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com